# «Paltaň daşa degip, halyň teň wagty…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Paltaň daşa degip, halyň teň wagty…" PALTAŇ DAŞA DEGIP, HALYŇ TEŇ WAGTY…“

Paltaň daşa degip, halyň teň wagty,
Sessiz şyňňyrdysy soňky teňňeleň.
Yzasyndan asla çykabilmersiň
Tükeniksiz agyr oýa çümmeleň.

Gardaş gardaşyna bolmasa ýardam,
Parhy näme onuň bir maçy hardan.
Diýseler eliňde, asardym dardan,
Girdabyna oklap gara gargyşyň.

Kastyňa çykanda bir ýowuz ýagy,
Ili öňe çykarýandyr Togruly.
«a jan, ýa-da watan!“ diýilen çagy,
Heýhat gördüm Dandanakan darkaşyn.

Haýyn bolsa bir garyndan çykanyň,
Haýry degmez jan-jigeriň ýakanyň.
Diýdi iller: «Nä saýramyş dahanyň?“
Diýdim: “Meger hasratyndan gardaşyň!“

«Dokluk belasyndan saklasyn aman!“
Diýipdi bir goja öňde bir zaman.
Pulmeslerin görüp diýdim: «Söz tamam!“
Haýrany men öwsen ýele gaýyşyn.

Diýsem ýalan bilmäň, irdim ýaňradan,
Ilden-ä däl, ejap etmez taňrydan.
Anty ýalan, zandy ýalan zaňňardan
Tama kylma, iýgin minnetsiz aşyň.

Daýhanyň guwanjy bugdaýly meýdan,
Bugdaýly meýdanda utýandyr haýdan.
Niçeme tupandan, niçeme gaýdan
Geçipdik kerwenli ýolun argyşyň.

Ýol berdiler il gözünden düşene,
Mekirligiň gazanynda bişene.
Allaýar, çyn sözüň gelmez hoşuna,
Barybir hoş eder alan alkyşyň.

26-29.08.2016. Goşgular